# Enem

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Enem ENEM

○ Enem Amangülüň ruhyna ýüzlenme.

Göz öňümden hiç gidenok jemalyň,
Gyňajyň etegi seçekli, enem!
Yhlasyň beripdi maňa kemaly,
Mähirden püre-pür gujakly, enem!

Goýnuňda boý aldy ganat-perlerim,
Hak ýalkasa, ýanym ýere bermerin.
Wah, mähriňi şygra salyp bilmerin,
Diýemde-de dutar-gyjakly, enem!

Didaryň ýalkymdy topragna Wasyň,
Arşy-agladandy seniň yhlasyň.
Irden gitsem, öýlan garşylaýadyň,
Eliň duz-çörekli – saçakly, enem!

Gep duzda däl, saglyk bolsa, bor lukma,
Alla şükür, ähli zatlar gowluk-la.
Meni gaýgy etme hem-de howlukma,
Seniň ogluň ýoly açykdyr, enem!

Diýerdiň: “Bu ýollar agyrdyr, kyndyr.
Bu dünýä – ummandyr, düýpsüzdir, giňdir.”
Beren öwütleriň goldow-goltgymdyr,
Sen barkaň ähli zat ajapdy, enem!

Sergezdan guşlaram gonup-göçmeli,
Bilýän, bu dünýäge gelip-geçmeli.
…Gideňde nazarlap behişt-uçmahy,
Düýşümde bir dişim gaçypdy, enem! Goşgular